# «Harmandäli»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Harmandäli" «HARMANDÄLI»

Ýalta aýal bardy, özem şermende,
Görmersiñ otagda, pagta harmanda.

Bolan bolup özi ýalandan hassa,
Ýüzün, gözün çytýar çekýän dek gussa:

Halymsyran bolup äriniñ ýanna,
Ýaranyp bilmedik bolup, ol janna.

– Bat keselim basmarlaýar gün-günden,
Añsat aýrhak däl şu bela menden –

Diýip, per ýassyga berip tirsegin,
– Sanjymam bar – diýip, tutup gursagyn,

Uzyn-uzyn gägirýär-de gerinýär,
Şeýle bir haly teñ bolup görünýär.

Niçikmi ol äri giden dessine,
Ýumurtgajyk çakan bolup üstüne,

Teýlije nahardan edip höregin,
Ýalmawuz dek iýýär etli böregin.

Haçan-da işinden gelende äri:
– Bolmazmy keselme heý dermän-däri –

Diýip, çaý-nana-da degmeýär haýry,
Hiç işi bolmansoñ dynçlykdan gaýry,

Kem-kem semräp, boldy tulum dek çişik,
Ýörände moýmullap basýardy gyşyk.

«Harmandäli» diýip, hemmeler güldi,

Bu bolşa äriniñ gahary geldi.

Bir gün äri gidip doktor getirdi,
Doktor maşyn tutup barlady, gördi.

Netijäni jemläp diýdi: — «Hor» eken,
— Pahyrda jögülik derdi zor eken.

Çary GURBANGYLYJOW. Goşgular